# Robotlaryñ ýyly

Category: Kitapcy,Söhbetdeşlik,Sözler,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
Robotlaryñ ýyly ROBOTLARYÑ ÝYLY




*Ýakymsyz habarlaryñ biri-de, emeli añ boýunça alnyp barylýan işleriñ iki essesine çykarylmagyna garaşylýar, çünki durgunlyk we ykdysady krizisler maýa goýumçylaryñ has köp işçini işden çykarmagyna we ýerine robotlardyr elektron enjamlar almagyna sebäp bolar*

Halk köpçüligine açyk ýerlerde bogunlary posly metal adam tüýsünde aramyzda gezmelemek bilen çäklenýän, ýat tutan birküç sözüni gaýtalap bize täsir etmäge çalyşýan akmak we sada robotlar bilen hoşlaşmagyñ wagty gelip ýetdi.

Bu ilkinji emel añ modeli eliýuka müşderileriñ puluny gañryp almak üçin köp ulanyldy we ençeme ýyllap ünsi çekip geldi.

Indi bolsa ol adatdan daşary aña we paýhasa eýe programmalara ýerini bermäge başlady.

2022-nji ýylda emeli añ ulgamynda emele gelen kwalifikasion syçrama ýigrimi ýyldan gowrak wagt bäri üýşen uç-gyraksyz maglumatlardan peýdalanyp, uzak wagta çeken tagallalaryñ, maglumat analizi we algoritm düzme babatdaky ýöriteleýin we ussatlarça edilen işleriñ ýetjek derejesine ýetipdi.

Fransiýada çap edilen «Poster Girl» kitaby daşky sahaby sebäpli uly seslenme döretdi. Kitap hamana emeli añ tarapyndan ýasalan üç ölçegli aýal ýüzüniñ keşbiniñ öñünde duran ýaly duýgy döredýär.

Düýpli «Michel Lafon» neşirýaty («Michel Lafon Publishing»)

suratlary ýerbe-ýer etmek üçin sözler arkaly özüne berlen tekstleri analiz etmäge niýetlenen «Midjourney» programmasyny ulanmagy dogry hasaplady.
Bularyb barsy adamyň aklyna-oýuna sygmajak zatlar.
2022-nji ýylyň ortalaryndan bäri halk köpçüligine açyk programmanyň gorunda adam beýnisiniň göterip bilmejek on müňlerçe suraty we formaty bar.
Bu programmanyň «DALL-E», «Stable Diffusion» ýaly birden köp ýerde dörän «doganlary» bar. Bular aňyňyzdan geçýän her bir şekili söz bilen beýan edip, gözüňiziň alnynda birnäçe sekundyň içinde hakykata öwrüp bilýän programmalar.
Şu güne çenli iň kämil programma bolan «ChatGBT» programmasyny emeli aňyň janköýerleri ýyl aýaklamanka belledi. Bu programma adamlaryň soraglaryny robota bermegine ýol berýär.
Pikir täze bolmasa-da ulanyjylary jadylaýan zat jogaplaryň tebigaty we akyllylyk bilen döreýşi.
Programma tarapyndan berilýän jogaplaryň hili, sypaýylygy, düşnükliligi we adamkärçilikli çemeleşişi-de ulanyjylara ýiti täsirini ýetirýän beýleki faktorlar.
Programma çuňňur manyly we pelsepewi gürlemegi bilen bir hatarda taryhy we geografiki maglumatlary-da öz içine alýar. Ol çäksiz maglumata eýe adam ýaly köptaraplylygy, ukyplylygy, düýpliligi özünde jemleýär.
Programma has öň «DALL-E» dörediji fotosurat programmasyny döredýän «OpenAI» tarapyndan taýýarlandy. «OpenAl» Kremniý jülgesiniň milliarderleriniň goldawy bilen 2015-nji ýyldan bäri işläp gelýär.




Bularyñ arasynda söhbetdeşlik programmasyny «gorkuzyjy derejede gowy» diýip mazamlan we bizi güýçli hem-de howply emeli aña ýakynlaşdyran superstar Ilon Mask hem bar.
Tomaşa heniz emedekleme tapgyrynda we ABŞ ýaly Ýewropa-da abandyrýan howplary sebäpli çäklendirjek bolýar.
Emma adamy goramagyñ hatyrasyna tüýsüni üýtgeden diktaturanyñ ýakynlaşyp gelýändigini duýdurýanlar bar we adam islese-islemese käbir zatlar hakda gyzyklanýan eken.
Emeli añyñ nähili zatdygyny kim aýdyp biljek? Elektron abzallaryñ edýän işi nåhili we şu at bilen ýatlanyp bilerlermi? Çäkleri nirede başlaýar we nirede gutarýar? Koreýaly «Eternity» emeli aýdym-saz toparynyñ albomlaryna seredip, dünýä boýunça millionlarça muşdagy bolan «K-Pop» ulgamyndaky beýleki meşhur toparlar bilen deñeşdirmek adamy howatyrlandyrmaga ýeterlik bolýar.
Hakykatdanam el telefonyñyzdan ýa-da mobil enjamyñyzdan size sms gelse, ol ynsandan geldimikä ýa jyndan diýip ikirjiñlenip dursañyz gerek. Çyn adamlardan ybarat aýdym-saz toparlarynyñ uly konsertlerde çykyş etmek üçin özlerinde emeli

alternatiwalary döretmegi şübhäñizi artdyrýar.
15 million adamyñ «BLACKPINK» toparynyñ emeli konsertine tomaşa edip durandygyny göz öñüne getiriñ. Toparyñ aýdymçylary emeli taýlary (dwoýnikleri) arkaly 2022-nji ýylyñ «Iñ gowy metadünýä çykyşy» baýragyny aldy. Şindizden baş alyp çykar ýaly däl işleriñ soñunyñ näme bilen gutarjagy belli däl. Häzirki ylmy ösüşler we gazanylýan üstünlikler begendiriji zat, emma ulanylýan ýerlerinde welin, ähli ýagşy arzuw-umytlarymyzy howp astyna salýar.
Sungat işgärlerini, dizaýnerleri, ýazyjy-şahyrlary, žurnalistleri kim goraýar?
Haýsydyr bir platformanyñ hususy eýeçilige, awtorlyk düzgünine eýermezden indi islän tekstini ulanmagy, programma öwretmegi we iñ gowy şekilde derñemegi mümkin.
Kinofilmlerde gören aktýorlaryñyzyñ hakykydygyny ýa ýasamadygyny birnäçe ýyl geçenden soñ kim aýdyp biler? Roluny oýnaýan aktýoryñ özümi ýa oña meñzeşimi? Ýa-da bir ýyldyz sansajaksyz roluny ýerine ýetirmek üçin klonyny satyp bilermi?
Üýtgeşmeler dünýägaraýşymyzy, hatda dünýädäki rolumyzy üýtgedip taşlajaga meñzeýär. Göýä ýer ýüzüni ýaralaýanlaryñ özümizdigini ýa-da gaýmalaşýan kölegelerimizdigini bilibilmän sañsara dönüp barýarys.
Ynjalykdan gaçyrýan synaglaryñ biri Ženewanyñ etegindäki dünýäniñ iñ gowy aşpezleriniñ işleýän laboratoriýasynda bolup geçýär. Bu ýerdäki maksat – robotyñ kömegi arkaly ete wegetarian alternatiwalary döretmek.
Wegetarian et alternatiwalary üçin 2030-njy ýyla çenli 200 milliard dollara ýetirmegi maksat edinýän 25 milliard dollara barabar global bazardygy aýdylýar.
Şonuñ üçinem şol laboratoriýa «18 Michelin» ýyldyzynyñ eýesi meşhur fransuz aşperlzi Nikolas Maýeriñ kömegine ýüz tutup, gerekli industrial alternatiwalary deñsiz-taýsyz nazynygmatlar bilen tapýar.
Aşpez öñ hiç kimiñ dadyp görmedik tagamyny oýlap tapmak üçin Sam atly robotdan peýdalanýar. Samyñ artykmaçlygy – aşpezleriñ tagama baha beriş ukyplaryna we añasty medeni ugurlaryna boýun egmeýänligindedir.
Samy diñe iñ ussat aşpezlerde bolan köstsüz bitaraplygy çalasyn we ikirjiñlenmezden işlemegini üpjün edýär.
Munuñ şeýledigine ynanýarysmy, haýran galýarysmy ýa-da ýigrenýärismi, gorkýarysmy?

Duýgularymyz öwrülişikleriñ ýyldyrym çaltlygynyñ garşysynda hakykatdanam bulam-bujar bolup barýar.
Ýakymsyz habarlaryñ biri-de, emeli añ boýunça alnyp barylýan işleriñ iki essesine çykarylmagyna garaşylýar, çünki durgunlyk we ykdysady krizisler maýa goýumçylaryñ has köp işçini işden çykarmagyna we ýerine robotlardyr elektron enjamlar almagyna sebäp bolar.




Sewsen EBTAH,
Liwan uniwersitetiniñ Arap dili we edebiýaty bölüminiñ professory.
06.01.2023 ý. Ylym we tehnologiýa